# Skripkaçy gyza

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Skripkaçy gyza SKRIPKAÇY GYZA



Şygyrýetden belent zat ýokdur öýdüp,
Ýördüm ýöne bu babatda ozdurduñ.
Näzik sazyñ iñ inçesin çalyp sen,
Jigerimi paraladyñ, tozdurdyñ.
Derdimiñ üstüne dert goşma çäksiz,
Meniñ üçin öñki derdim ýetikdi,
Duýgularyñ jamy püre-pür dolup,
agjak bolup añry çäge ýetipdi.

Sazyñ gudratyndan duýgy kütelip,
Saýgaryp bilemok agy-garany
Melhem bolarmyka diýipdiñ, ýöne
owaz dyrmalaýar biten ýaramy.

Mukam kalba siñýär damar yzarlap,
Tutulan deý beden ojar közüne,
Giden ýardan habar alaýyn diýsem,
men gelip bilemok entek özüme.

Hantama men ýitirenmi tapmaga,
Umydy üzemok ýarymdan şindem.
Dartylan duýgular üzüljek bolýar,
Parhy ýok señ saz guralyñ kirşinden.

Agdar-düñder boldy meñ içki dünýäm,
Goşuldy täze dert, oýandy köne.
Boldy edäý, keýgim, bes edäý indi,
Syhap alaýdyñ ýöne…

Orazguly ANNAÝEW. Goşgular